**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna**
на 1 апреля 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

SANLY ULGAMDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
4

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

OBA HOJALYK ÖNÜM ÖNDÜRIJILERINE GOLDAW
5

TARYHY ÖZGERTMELER BILEN AÝAKDAŞ ÖSÜŞLER
6

MAÝA GOÝUM SYÝASATYNYŇ DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞE TÄSIRI
10

TÜRKMENISTANDA YKDYSADY HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEKDE TELEKEÇILIGIŇ ÄHMIÝETI
12

MALIÝE-BANK ULGAMY – BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BERK BINÝADY
15

BANK ULGAMYNYŇ TÄZE HYZMATY
17

BANK HYZMATLARY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR
18

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
21

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
23

# SANLY ULGAMDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň mart aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gurnamagynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň mümkinçilikleri maglumat howpsuzlygy, kiberhowpsuzlygy barada talyplaryň sowatlylygyny artdyrmak boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Okuw maslahatlary Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we we informatika institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Türkmen döwlet medeniýet instututynyň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Saparmyrat Nyýazow adyndaky türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň, Türkmen döwlet maliýe institutynyň, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň, hem-de Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň, Türkmenistanyň Dokma ministrliginiň Aşgabat şäherindäki mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebiniň, Türkmenistanyň Neşirýat gullugynyň neşirýat-çaphana orta hünär okuw mekdebiniň, «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň, Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň edara binalarynda geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyp ýaşlara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli görnüşli bank kartlary («Altyn asyr», «Maşgala», «Milli kart», «Owerdraft», «Goýum bank karty»), töleg terminallary, bankomatlar, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «NFC» hem-de «QR-kod» tehnologiýalaryny ulanmak arkaly «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal Pay» we «Talyp tölegi», «Sanly kart», «Senagat töleg» we beýleki birnäçe ornaşdyrylan sanly programma üpjünçilikleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildir.

Bank ulgamynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen okuw maslahatlaryna ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň 1200-den gowrak talyp ýaşlary gatnaşdy.

Geçirilen okuw maslahatlary mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berlen jogaplar bilen jemlendi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

Şu ýylyň mart aýynyň dowamynda TMB-niň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde hem-de «Awaza» MSZ-nda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2024-nji ýylyň 26.02-01.03 senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Ykdysady seljeriş we maliýe syýasaty bölümleriniň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly okuw maslahatynda maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň barlagynyň maksatlary, ugurlary we wezipeleri, halkara maliýe guramalary bilen aragatnaşyk, makroykdysady we pul-karz syýasaty, maliýe programmirlemesi, maliýe bazarlary, milli hasaplar we makroykdysady görkezijiler, bank statistikasy we hasabatlylygy ýaly ugurlarda degişli maglumatlar bilen çykyşlar edildi.

2024-nji ýylyň 11-15-nji marty aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň Hukuk gullugynyň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank işinde hukuk meseleleri» atly okuw maslahatynda döwlet gullukçysynyň etikasy, bank ulgamynyň işini kadalaşdyryjy hukuknamalar, halkara guramalaryň hukuk esaslary, karzlaryň girew üpjünçiliginiň hukuk ähmiýeti ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň 11-15-nji marty aralygynda TMB-niň düzüm birlikleriniň, karz edaralarynyň we şahamçalarynyň baş buhgalterleri, olaryň orunbasarlary we buhgalterleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy» atly okuw maslahatynda banklarda Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işleriň gurnalyşy, daşary ýurt pulundaky amallary hasaba almak we olary buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda beýan etmek, halkara we içerki maliýe bazarlarynda diling aragatnaşyklarynyň ýola goýluşyna gözegçilik etmegiň usullary ýaly ugurlar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň 25-27-nji marty aralygyndaTürkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Inkassasiýa gullugynyň işleriniň gurnalyşy» atly okuw maslahatynda müdirligiň işini kadalaşdyryjy gözükdirijiler we düzgünnamalar ýaly ugurlar boýunça çykyşlar diňledildi.

Şu ýylyň mart aýynyň 25-29-njy senelerinde ýurdumyzyň karz edaralarynyň karz müdirlikleriniň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank karzlaşdyrmasy» atly okuw maslahatynda bazar ykdysadyýetinde karzyň orny we karz gatnaşyklary, müşderileriň karza ukyplylygyna baha bermek, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde ýeňillikli bank karzlarynyň tutýan orny, döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmekligiň önümçilik harajatlaryny karzlaşdyrmak we hasaplaşyklary geçirmek, karz amallarynyň töwekgelçilikleri, kärhanalaryň we guramalaryň algy-bergileri seljerme, göterimleri hasaplamagyň we karzy gaýtarmagyň halkara tejribesi, daşary ýurt karzlary we olaryň aýratynlyklary ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi we gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.Geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 140-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SELJERIŞ MAKALALARY

## OBA HOJALYK ÖNÜM ÖNDÜRIJILERINE GOLDAW

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzy ykdysady, medeni we syýasy taýdan ösdürmek, milli ykdysadyýetimizi has-da kuwwatlandyrmak bilen birlikde oba senagaty toplumyny ýurdumyzda geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň hasabyna ösdürmek, ýurdumyzyň içerki bazarlarynda azyk bolçulygyny döretmek we oba senagat toplumynyň eksport mümkinçiligini artdyrmak barada oňyn işler amala aşyrylýar.

Bu babatda, ýurdumyzda bugdaý we pagta hasyllaryny we beýleki oba hojalyk önümlerini öndürijilerine döwlet tarapyndan ýakyndan goldaw bermegiň çäklerinde, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyna dünýäniň iň ösen, kämil tehnikalarynyň, kombaýnlarynyň satyn alnyp berilmegi, kärendeçilerimiziň suw we ýeri gurplandyryjy mineral dökünler bilen hem-de zerur bolan beýleki önümçilik serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün edilmegi, şeýle hem ýeňillikli bank karzlarynyň berilmegi hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk önümlerini öndürijilerini galkyndyrmak barada edýän bimöçber aladalarynyň aýdyň şaýadydyr.

Oba hojalyk pudagyny ösdürmek barada döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň netijesinde ýurdumyzda her ýylda uly üstünlikler we yzygiderli ösüşler gazanylýar.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 15-nji martynda sanly ulgam arkaly geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna gowaça ekişine başlamaga ak pata berdi hem-de ýurdumyzyň edermen pagtaçy daýhanlaryna, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş bahalaryny ýokarlandyrmak hem-de oba hojalyk önümlerini öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek hakynda» 2024-nji ýylyň 9-njy fewralynda çykaran kararyna laýyklykda, 2024-nji ýylyň hasylyndan başlap bugdaýyň bir tonnasynyň döwlet satyn alyş bahasy 2 000 manat möçberinde, nah pagtanyň bir tonnasynyň satyn alyş bahasy ýygymyň başlanýan gününden 15-nji oktýabra çenli 5 000 manat, 15-nji oktýabrdan 15-nji noýabra çenli 4 770 manat, 15-nji noýabrdan ýygymyň tamamlanýan gününe çenli 4 550 manat, ýüpek pagtanyň bir tonnasynyň döwlet satyn alyş bahasy ýygymyň başlanýan gününden 15-nji oktýabra çenli 6 700 manat, 15-nji oktýabrdan 15-nji noýabra çenli 6 400 manat, 15-nji noýabrdan ýygymyň tamamlanýan gününe çenli 6 100 manat möçberinde ýokarlandyrylmagy şeýle hem pagta hasylynyň el bilen ýygylmagy üçin nah pagtanyň bir kilogramyna bir manat we ýüpek pagtanyň bir kilogramyna bir manat ýigrimi teňňe manat möçberinde bellenilmegi önüm öndürijileriň başyny göge ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyna berýän goldawlarynyň netijesinde, ýurdumyz boýunça oba hojalyk önümleriniň öndürilişi ýyl geldigiçe artýar we şonuň netijesinde bolsa oba hojalyk önümlerini öndüriji babadaýhanlarymyzyň girdejileri has-da köpelip, olaryň durmuş-ýaşaýyş ýagdaýlary ýyl geldigiçe barha gowulanýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň oba hojalygyny hemmetaraplaýyn ösdürmek hakynda edýän ýadawsyz aladalary üçin, oba hojalyk önümlerini öndüriji kärendeçilerimiziň ählisiniň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çyn ýürekden bildirýän minnetdarlyklarynyň we hoşallyklarynyň çägi ýok. Türkmen halkymyzy bagtyýar durmuşda bolçulykly ertirlere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Neder NEDEROW,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Karz syýasaty müdirliginiň Oba hojalyk önümçiligini
karzlaşdyrmak bölüminiň başlygy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TARYHY ÖZGERTMELER BILEN AÝAKDAŞ ÖSÜŞLER

Türkmenistan döwletimiz häzirki taryhy döwürde dünýä jemgyýetçiliginiň ähli ugurlar babatdaky ösüşine laýyk gelýän özgertmeleri tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, raýatlara döredilýän şertlerde döwrebaplyk ýörelgelerinden ugur alynýar. Ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşiň çäklerinde döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaýyn işleriň çygrynda ýurduň maliýe-bank ulgamynyň hem özboluşly ähmiýete eýe bolup durýandygyny bellemek zerur.

Milli özygtyýarlylygyny gazanmak bilen özbaşdak dolandyryş ulgamyny, şol sanda milli maliýe-bank ulgamyny döreden Türkmenistan döwletimiz garaşsyzlyk ýyllarynda uly ösüşlere ýetdi. Bu ösüşleriň şerti hökmünde degişli pudagyň işinde öňdebaryjy tejribä, ylmyň soňky gazananlaryna eýerip, dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyň işjeňleşdirilmegini, ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegini gazanmak zerur bolup durýar.

Halkara maliýe-bank ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek we dolanyşyk serişdelerini üpjün etmekde hem-de raýatlara edilýän hyzmataryň ýeňillikli amal edilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky hem baý tejribä eýedir. Bu bankyň döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde mynasyp tagallalaryny bellemek gerek.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralar, maliýe guramalary we hususy kärhanalar, bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda bank dünýäniň ýigrimä golaý ýurdunyň elliden gowrak daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirýär we ýylsaýyn ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, halkara banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEK gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň hökümetiniň adyndan 1994-nji ýylyň 13-nji sentýabryndan bäri Yslam Ösüş Bankynyň agzasy, 2001-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan bäri Hususy Pudagy Ösdürmek boýunça Yslam Korporasiýasynyň agzasy, 2019-njy ýylyň 14-nji aprelinden bäri hem Maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasynyň agzasy, şeýle-de 2021-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri Söwdany maliýeleşdirmek boýunça halkara Yslam Korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edip gelýär.

Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi onuň ulag we aragatnaşyk, nebit-gaz, ýangyç-energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk pudaklarynda, hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň günsaýyn artmagyna, kiçi we orta telekeçiligiň barha ösmegineöz oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde

daşary ýurtly maýa goýujylaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Esasan-da, olaryň degişli taslamalary maliýeleşdirmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary ýurtly taraplar bilen baglaşan şertnamalary hem-de ylalaşyklary uly hyzmata eýedir. Şunuň bilen baglylykda, milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş bilen hyzmatdaşlyk babatda bank Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň Eksimbanklary, Germaniýadaky Germes, Italiýanyň eksport ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen işewürlik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýdy. Bu bolsa öz nobatynda milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmelerini kesgitleýär.

Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryna degişli desgalaryň taslamalarynyň amal edilmeginde bank möhüm orun eýeleýär. Bank bu ugurlar boýunça karz ylalaşyklarynyň baglaşylmagynda wajyp hyzmaty ýerine ýetirýär. Maliýe we bank işini alyp barmakda bankyň esasy maksady daşary ýurt maýa goýujylaryny ýurduň iri taslamalaryna çekmekden ybaratdyr. Bu ugurda bolsa geçen ýyllaryň dowamynda köp sanly taslamalardyr degişli işler durmuşa geçirildi.

Soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen karz ylalaşyklarynyň hasabyna birnäçe giň gerimli taslamalaryň gurluşygy alnyp baryldy. Gyýanlyda polipropilen we polietilen önümçiligi boýunça zawodyň gurluşygy, Garabogazda karbamid zawody, Owadandepede gazy gaýtadan işlemek we ondan benzin öndürmek boýunça senagat toplumy, şeýle-de Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy we beýleki iri önümçilik desgalary guruldy we ýurdymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak üçin mümkinçilikler döredildi.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» bankynyň hyzmatdaşlygynda ýurdumyzyň Oba we suw hojalyk ministrligi üçin Ýewropanyň (Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyny, Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen ylalaşyga gol çekilmegini we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýola goýlan maýa goýum taslamalaryna deliller hökmünde görkezmek bolar.

Bulardan başga-da, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak we bu ugurda taslamalary maliýeleşdirmek üçin hem Yslam Ösüş bankynyň Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy bilen maliýe ylalaşygyna gol çekildi we doly özleşdirildi.

«Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmekde «Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan» gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça halkara maliýe guramalary we banklary bilen degişli işler dowam etdirilýär. Bu gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki ähli gurluşyk işlerini gurnamak hem-de turbalaryň we degişli enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek boýunça Yslam Ösüş banky bilen degişli karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Geçen ýyllarda Yslam ösüş bankyndan we OPEK Halkara ösüş gaznasyndan iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük gämisini gurmak boýunça taslamalary maliýeleşdirmek üçin karz serişdelerini çekmek boýunça ylalaşyk baglaşyldy. Şeýle hem Gahryman

Arkadagymyzyň 2019-njy ýylda Italiýa döwletine bolan resmi saparynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Italiýanyň «Adipson Ind. Srl» kompaniýasynyň arasynda gol çekilen Memorandum esasynda Lebap welaýatynda buýan köküni gaýtadan işläp, ýylda 390 tonna glisirrizin turşusyny öndürýän kärhanany gurmak işlerini maliýeleşdirmek göz öňünde tutuldy.

Geçen ýylyň dowamynda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň Gaz turbinaly elektrik stansiýalary üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we howa süzgüçleriniň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Niderlandlar Patyşalygynyň «ING Bank N.V.» bankynyň Ýaponiýanyň Tokio şäherindäki şahamçasy bilen karz ylalaşyklaryna gol çekildi. Türkmenabatdaky S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda garyşyk dökünleri öndürýän sehiň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin karz serişdelerini çekmek boýunça Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi Ösüş gaznasy bilen ylalaşyk baglaşyldy. 2021-nji ýyldan bäri Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi Ösüş gaznasy bilen amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň çäginde Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda kuwwaty 10 megawatt bolan köpugurly elektrik stansiýasyny, Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde howa menzil toplumyny we Türkmenabatdaky S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda garyşyk mineral dökünlerini öndürýän önümhanany gurmak taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin 3 sany karz ylalaşyklary baglaşyldy we häzirki wagda berlen karz serişdeleri özleşdirilýär.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Arap we fransuz banklary bileleşiginiň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi eksport-import amallaryny maliýeleşdirmek, Türkmenistanyň bilen Fransiýanyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeýle hem milli ykdysadyýetimize maýa goýumlary çekmek bilen bagly hyzmatdaşlygy ilerletmegi göz öňünde tutýar.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde bank tarapyndan halkara «VISA» töleg ulgamy bilen bilelikde «Milli VISA karty», «Owerdraft karty» ýaly bank kartlary, «Visa Virtual» elektron karty ornaşdyryldy hem-de «Elektron söwda», «Internet-bank» hem-de «Onlaýn-karz» hyzmatlary işe girizildi. Maýa goýumlary işjeň çekmek baş maksady bolan bankyň içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigini aýdyň görkezýär.

Häzirki döwrüň geljegi uly ugurlarynyň biri hem döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usulyny giňden ornaşdyrmak bolup durýar. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bu ugurda sanly ulgamy ornaşdyrmakda birnäçe taslamalary durmuşa geçirdi, «VISA» kartlarynyň ulanylyşyny, «Internet-bank» hyzmatyny, umuman dünýä tejribesinden gündelik özleşdirilýän we milli şertlere laýyklykda ulanyşa goýberilýän işleri ilkinjileriň hatarynda ýola goýdy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, «Fitch Ratings» halkara agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýandygyny nygtaýar. Geçen 2023-nji ýylyň 4-nji awgustynda hem-de 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda ikinji gezek «Fitch Ratings» agentliginiň geçiren seljermeleri netijesinde, halkara reýting agentligi Türkmenistanyň reýtingini «B+ oňyn» derejesinde

çaklama bilen tassyklady. «Fitch Ratings» agentligi tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeler ýurdumyza çekilýän maýa goyumlarynyň möçberini artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ýurduň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam edýär.

Milli maliýe we bank ulgamynyň maýa goýum syýasatynyň ösmegine itergi berýän işleriň hatarynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň gatnaşmagynda «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi maýa goýum syýasatynyň has ilerlejekdigine güwä geçýär. Bu hem öz gezeginde ýurduň netijeli ykdysady özgertmesi bolup, ähli pudaklaryň işi bilen utgaşykly sazlaşygy emele getirýär.

Umuman, taryh üçin uly bolmadyk 30 ýyldan gowrak döwürde ýokary ykdysady kuwwata eýe bolan Türkmenistan döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem Garaşsyz döwletiň gadamlary bilen aýakdaş ösüşi ýylsaýyn artýar. Aslynda, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň her bir ulgamynyň ösüşi Garaşsyzlyk düşünjesine kesgitlemedir, onuň aýdyň beýanydyr. Milli bank ulgamynyň işiniň ösüşlerini hem buýsançly taryhy sahypalarynda beýan etmek bolýar.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MAÝA GOÝUM SYÝASATYNYŇ DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞE TÄSIRI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryna maýa goýum serişdeleri goýulýar. Maýa goýumlary ýurduň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmaga, doly we netijeli peýdalanmaga, häzirki zaman iň kämil innowasion tehnologiýalary önümçilige işjeň ornaşdyrmaga we senagat önümçiligini mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilýär. Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmekde maýa goýum syýasatynyň, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň ähmiýeti uludyr.

Döwletiň durmuşa geçirýän maýa goýum syýasaty - maýa goýum işini işjeňleşdirmek, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak arkaly ykdysady ösüşi gazanmak we ilatyň durmuş meselelerini oňyn çözmek maksady bilen amala aşyrylýan hojalyk işleriniň toplumydyr. Ýurdumyzda uly möçberli maýa goýum işlerini amala aşyrmak üçin ähli ykdysady amatlyklar: ýeňillikli karz, salgyt, gümrük tölegleri babatda halkara talaplaryna laýyk gelýän berk kanunçylyk binýady döredildi. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurt maýa goýujylary, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar, ýurdumyzyň çäginde daşary ýurt maýa goýumlary bolan maýa goýum taslamasynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň bellige alnan gününden başlap bellenen hukuk goragyna, kepillendirmelerine we ýeňilliklerine eýe bolýarlar. Şeýle amatlyklaryň döredilmegi diňe bir öz maýadarlarymyzda däl-de, eýsem, daşary ýurt maýadarlarynda hem uly gyzyklanma döredýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmekde, täze innowasion usullary ähli pudaklara giňden ornaşdyrmakda, kiçi we orta telekeçiligiň wekilleriniň maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Kiçi we orta telekeçiligiň maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmäge yzygiderli goldaw bermek ýurdumyz tarapyndan amala aşyrylýan maýa goýum syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Milli ykdysadyýeti ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» öz beýanyny tapýar. Prezident Maksatnamasy esasynda

2022-2028-nji ýyllarda milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge 278,9 mlrd. manatdan gowrak maýa goýum serişdelerini gönükdirmek we özleşdirmek meýilleşdirilýär. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek üçin 2022-nji ýylda 36,2 mlrd. manada golaý maýa goýum serişdeleri özleşdirildi we bu görkeziji 2023-nji ýylda 7,5 göterim artdy.

«Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we Maýa goýum maksatnamasyna» laýyklykda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 38,5 mlrd. manat möçberinde düýpli maýa goýumlara gönükdirmek meýilleşdirildi. Bu maýa goýum serişdeleriniň 67,8 göterimini, ýagny 26,1 mlrd. manatdan gowragyny önümçilik maksatly desgalaryň gurluşygyna gönükdirmek meýilleşdirildi. Durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygyna 32,2 göterim, ýagny 12,4 mlrd. manatdan gowrak möçberde maýa goýumlary gönükdirmek bellenildi. Ýurdumyzyň ykdysadyýet, maliýe we bank toplumy boýunça jemi 33,3 mln. manat möçberde düýpli maýa goýum serişdeleriň özleşdirilmegine garaşylýar.

Ýurdumyzda nebitgaz we nebit-himiýa toplumyny, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny, ulag-aragatnaşyk pudagyny, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmäge niýetlenen,

daşary ýurt maýalarynyň akymyny güýçlendirmek hem-de amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmek barada netijeli işler alnyp barylýar.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we olaryň möçberini artdyrmak babatynda alnyp barylýan işlerde ýurdumyzyň bank ulgamy mynasyp orny eýeleýär. Maýa goýum syýasatynyň durmuşa geçirilmeginde we ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maliýe serişdeleriniň çekilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan ähmiýetli işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem-de Abu Dabi Ösüş gaznasynyň bilelikde döreden «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti hereket edýär. Bu kompaniýanyň esaslyk maýasynyň 50 göterimi Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň maliýe serişdeleridir. Bu amala aşyrylýan işler daşary ýurt maýadarlarynyň ýurdumyzyň ykdysadyýetine maýa goýmakda uly gyzyklanma bildirýändiklerini görkezýär.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek boýunça amala aşyrylýan işleriň çäklerinde ýurdumyz birnäçe abraýly halkara maliýe guramalar bilen hem oňyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklap gelýär. Soňky ýyllarda Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýa ösüş banky, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky ýaly halkara maliýe guramalar bilen ýurdumyzyň hyzmatdaşlyk gatnaşyklary täze bir öwüşgüne eýe bolup, ýyl-ýyldan has-da işjeňleşdirilýär hem-de çuňlaşdyrylýar. «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi biziň ýurdumyza «B+ oňyn» reýtingi berdi. Şeýle reýtingiň alynmagy ykdysadyýetimiziň durnukly ýokary depgin bilen ösýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösdürilmegine, ykdysady mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna hem-de raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň mundan beýläk hem ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Mähriban halkyny asuda, agzybir, bagtyýar we eşretli durmuşda ýaşadýan, Türkmenistan döwletimiziň barha pajarlap ösmegi ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, umumadamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

**Allamyrat ATABAÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# TÜRKMENISTANDA YKDYSADY HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEKDE TELEKEÇILIGIŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýämynyň Galkynyşy döwründe daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek wezipesi Türkmenistanda senagat syýasatynyň strategik ileri tutulýan ugry bolup durýar we ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek köp babatda şol wezipäniň çözülişine baglydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmaklyga gönükdirilen döwlet çäreleri işlenip taýýarlanylýar. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmaklyga gönükdirilen ýurdumyzda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin peýdalanylýan gural hökmünde seredilýär. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmak maksatnamasynyň pudaklary we sebitleri ösdürmegiň we döwrebaplaşdyrmagyň anyk taslamalary we çäreleri bilen doldurylmagy olaryň ösüş mümkinçiliklerine dykgatly seljerme geçirilmegini talap edýär.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmak strategiýasy ýönekeý harytlary öndürmekden tehnologiýalary çalt depginde ösdürmegiň we ykdysady taýdan işjeň ilatyň bilim derejesini ýokarlandyrmagyň hasabyna ylmy köp talap edýän we ýokary tehnologik önümleri çykarmaga kem-kemden geçilmegini göz öňünde tutýar. Öz maksatlary boýunça daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmaklygyň has ýerli, aýratyn wezipesini gurşap alýan täze senagatlaşdyrmak syýasaty importyň ornuny tutmak we eksporta gönükdirilen gaýtadan senagatlaşmagy geçirmekden ugur alynýar.

Türkmenistanda içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlik gurşawynyň ýokary derejesi ýeňil senagatda taýýar önümleriň, şol sanda getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň görnüşlerini giňeltmek we täzelemek boýunça işler durmuşa geçirilýär.

Milli telekeçilik kärhanalary ýurdumyzyň azyk bolçulygy bilen baglanyşykly wezipeleri üstünlikli amala aşyrýarlar, öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan önümçilige maýa goýumlaryny goýýarlar, emele gelýän bazar ýagdaýlaryna çaltlyk bilen seslenýärler, täze pudaklarda netijeli işlerini alyp barýarlar. Munuň özi öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmaga, onuň hilini ýokarlandyrmaga hem-de nyrhy babatda elýeterli bolmagyny üpjün etmäge, goşmaça iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berýär.

Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz telekeçilere goldaw bermek, kiçi we orta işewürligiň netijeli işlemegi üçin zerur şertleri döretmek, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda bazar gatnaşyklaryna geçmeklik, eksportyň möçberini artdyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek ýaly ýörelgeleri ýurdumyzyň mundan beýläk-de durnukly ösmeginiň esasy şertleri hökmünde görkezýär. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek boýunça ähli tagallalaryň ediljekdigi barada şeýle belleýär: «Döwletimiziň telekeçilere berýän degerli kömegi ykdysadyýetiň hususy böleginde öndürilýän önümleriň görkezijileriniň san we hil taýdan ösmegine, olaryň görnüşleriniň artmagyna getirýär. Geljekde uly ösüşleri gazanmaga mümkinçiligi bolan Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşiginiň hatarlarynyň sany gitdigiçe artar».

Telekeçiligiň bazar ykdysadyýetiniň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup durýandygy, şol bolmasa döwletiň hem, jemgyýetiň hem doly derejede ösüp bilmejekdigi bütin dünýäde şübhesiz hakykata öwrüldi.

Kiçi we orta telekeçilikde, onyň aýratynlyklary bilen bagly, açyk görünýän sebit gönükdirmesi bolýar. Kiçi we orta kärhanalar adatça öz işlerini ýerli islegiň möçberinden we gur-

luşyndan, ýerli bazaryň zerurlyklaryndan we mümkinçiliklerinden ugur alyp amala aşyrýarlar.

Kiçi we orta telekeçiligiň üstünlikli işlemegi ykdysady ösüşe we durmuş taýdan kämilleşmäge ýardam edýän bazar ykdysadyýetiniň möhüm bölegi hökmünde ösmegi üçin amatly şertleriň döredilmegine gönükdirilen döwlet syýasatynyň hukuk esaslaryny döretmek «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň maksatlary bolup durýar.

Häzirki wagtda öz ykdysadyýetini bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerinde gurýan Türkmenistanda halk hojalyk toplumynyň şu bölegini netijeli we depginli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertleri döredildi. Bu salgyt ulgamynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallaryny geçirmegiň ýönekeýleşdirilmeginde, ýeňillikli karzlaşdyrmakda öz beýanyny tapýar.

Bu çäreleriň ählisi yzygiderli durmuşa geçirilýän Kiçi we orta telekeçilige goldaw bermek boýunça 2018-2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda göz öňünde tutulandyr. Ol Türkmenistanda telekeçilik işini işjeňleşdirmek ýoly bilen ykdysady ösüşiň we durmuş ösüşiniň ýokary depginlerini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Bu Maksatnamanyň esasy wezipeleriniň arasynda hususy bölek tarapyndan öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň möçberlerini artdyrmak, dünýä bazarlarynda ýurdumyzyň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak ýaly wezipeler bellenýär.

Türkmenistanyň ähli sebitlerinde bütin ýylyň dowamynda şäherleriň we obalaryň ilatyny ter gök önümler bilen üpjün etmäge ukyply ýyladyşhanalaryň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy. Olary gurýan ýerli telekeçiler şunuň ýaly telekeçilik taslamalarynyň peýdalylygyny, olaryň ykdysady taýdan ýokary netije berýändigini, ýagny girdejililigini, özüni çalt ödeýändigini we düşewüntliliginiň gowudygyny belleýärler.

Oba hojalygy milli ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolup, onuň depginli ösmegine ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijilerini hemmetaraplaýyn goldamaga gönükdirilen örän oýlanyşykly strategiýa ýardam edýär.

Döwlet tarapyndan berilýän goldaw, şol sanda ýer üçin ujypsyz möçberdäki töleg, salgytlary tölemekden doly boşatmak görnüşindäki goldaw Türkmenistanyň oba hojalyk işgärleri üçin hakyky kömek bolup durýar. Kärendeçilere we daýhan hojalyklaryna tehniki hyzmat etmek, olary tohumlyk çigit, mineral dökünler, suwaryş suwy bilen üpjün etmek we hyzmatlaryň beýleki görnüşleri ýeňillikli şertlerde amala aşyrylýar. Mundan başga-da, oba hojalyk taslamalaryny ýeňillikli karzlaşdyrmak ulgamy giňden peýdalanylýar. Şol taslamalary durmuşa geçirmek üçin ministrliklere, pudak edaralaryna, edaralara we kärhanalara, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryna we fermerçilik hojalyklaryna ýer bölekleri bölünip berilýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçilik ulgamynda-da, hyzmatlar ulgamynda hem agrar telekeçiligi ösdürmek möhüm ähmiýete eýe bolýar. Telekeçilik işi oba ilatyny iş bilen üpjün etmek, işiň görnüşlerini giňeltmek, önümçiligiň möwsümleýinligini çäklendirmek bilen, oba maşgalalarynyň girdejileriniň artmagyna we hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna, ýerli serişdeleriň has doly peýdalanylmagyna ýardam edýär. Şunda agrar pudagyň özüne mahsus bolan aýratynlyklaryna, ýagny tebigy-howa şertlerine güýçli baglylygyna, önümçiligiň möwsümleýinligine, maýanyň haýal dolanyşygyna, ýokary önümçilik töwekgelçiligine üns berilmelidir. Şunuň bilen baglylykda häzirki zaman şertlerde agrar pudakda netijeli telekeçiligi ösdürmek has-da möhüm ähmiýete eýe bolýar. Diňe bir ykdysady ösüş däl, eýsem ykdysadyýetimiziň geljegi hem telekeçileriň täze tehnologiýalary, hojalygy ýöretmegiň

öňdebaryjy usullaryny näderejede kabul edýändiklerine bagly bolup durýar. Ykdysadyýetiň agrar böleginde bolup geçýän özgermeler şu maksatlara ýetmekde telekeçilik işiniň serişdeleri bolup durýar.

Şeýlelikde, döwlet hususy hyzmatdaşlygy geljekde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde we döwrebaplaşdyrmakda esasy strategik ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurtda depginli ösýän hususy bölegiň döredilmegi iş bilen üpjünçiligiň ýokarlandyrylmagyny, ykdysady ösüşiň durnuklylygyny we innowasiýa häsiýetini üpjün eder, ylmyň we tehnikanyň önümçilige has çalt ornaşdyrmaga, zähmet, maliýe we maddy serişdeleriň netijeli peýdalanylmagyna hem ýardam eder.

**Jeren AKMÄMMEDOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

# MALIÝE - BANK ULGAMY — BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BERK BINÝADY

Berkarar döwletimiziň ykdysady esaslaryny has-da pugtalandyrmakda maliýe-bank ulgamyna aýratyn orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiz ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işiniň ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşi bilen aýrylmaz baglydygyny nygtaýar hem-de milli ykdysadyýetimiz bilen bagly işleri yzygiderli kämilleşdirmäge möhüm ähmiýet berýär.

Ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamalarynda göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösmegini, milli ykdysadyýetimiziň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek, döwrebap sanly tehnologiýalary mundan beýläk-de giňden ornaşdyrmak, Döwlet býujetini üstünlikli ýerine ýetirmek, maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Geçirilýän işlerde halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyga, dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň ornaşdyrylmagyna, degişli kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, bank hyzmatlarynyň hilini halkara ölçeglere görä guramak we olaryň görnüşlerini artdyrmak, milli manadyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek boýunça kesgitlenen wezipelerdir çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bu ugurda alnyp barylýan innowasion özgertmeler banklaryň maýalaşdyryş derejesiniň ýokarlanmagyna, maliýe serişdeleriniň binýadyny berkitmäge, bank gözegçiligini kämilleşdirmäge, bank amallarynyň göwrümini giňeltmäge, innowasion bank önümleriniň we tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna, agzalan ugurda ilata edilýän hyzmatlaryň hiliniň has-da ýokarlanmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Ulgama täze tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy ilata töleg-hasaplaşyk, depozit we beýleki hyzmatlary banka barmazdan ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda bank ulgamyny has-da kämilleşdirmek, milli töleg ulgamyny ösdürmek, onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny hem-de howpsuzlygyny üpjün etmek üçin töleg ulgamy döwrebap maglumat tehnologiýalarydyr kompýuter programmalary bilen üpjün edilýär. Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi günsaýyn giňeýär we karz edaralarynda hyzmatlaryň täze görnüşleri yzygiderli ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny, durnukly ykdysady ösüşi gazanmakdan, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmekden, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin oňaýly makroykdysady şertleri döretmekden ybaratdyr.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň karz edaralary milli ykdysadyýeti ösdürmäge, döwlete dahylsyz ulgama, kiçi we orta telekeçilige, hususy oba hojalyk önümlerini öndürijilere, gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin ýurdumyzyň raýatlaryna berilýän karzlaryň möçberini has-da artdyrýarlar. Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşine ýardam bermek üçin bank edaralary tarapyndan döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen bagly taslamalary maliýeleşdirmek boýunça işler dowam etdirilýär.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, sanly ulgamy ös-

dürmek, bank hyzmatlarynyň ugurlaryny giňeltmek, elektron tölegleriň görnüşlerini artdyrmak, menzilara bank hyzmatlarynyň ulgamyny kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar. Golaýda döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň fiziki şahslar üçin «Menzilara bank» ulgamyny ulanyşa girizmek boýunça teklibini goldap, bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy. Bank hyzmatlarynyň bu görnüşi nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň halkara banklar we maliýe guramalary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýändigini, amatly şertlerde karzlary, maýa goýumlary çekmek boýunça netijeli işleri durmuşa geçirýändigini belleýär. «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» ýerine ýetirmek boýunça maliýe-bank ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde degişli işler yzygiderli amala aşyrylýar. Ýeri gelende bellesek, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 4-5-nji ýanwarynda Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran iş saparynyň netijeleri boýunça maliýe-bank ulgamynda özara gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň mümkinçiliklerine hem garaldy. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem-de «First Abu Dhabi Bank» bankynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanyp ösdürmek, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, netijede ýurdumyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak babatda giň mümkinçilikleri döredip berýän, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Rahmanberdi RAHMANOW,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Diýar» şahamçasynyň Karzlaşdyryş we hasabaty
bölüminiň esasy hünärmeni

# SANLY ULGAMYŇ TÄZE HYZMATY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli beýik işleriniň netijesinde Türkmenistan döwletimiz gün saýyn ösýär we özgerýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, bank düzümleriniň işini has-da kämilleşdirmek, bank hyzmatlarynyň elýeterliligini, töleg ulgamynyň netijeliligini we ygtybarlylygyny üpjün etmek, maýa goýumlary çekmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde milli bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky halkymyza döwrebap we aňsat usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän fiziki şahslara internet arkaly halkara «Visa» we «MasterCard» töleg kartlarynyň hasabyny doldurmak, daşary ýurtda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş-jaý töleglerini, Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi zerur bolan şahslaryň töleglerini amala aşyrmak üçin täze amatly we aňsat onlaýn hyzmatlarynyň bu görnüşinden peýdalanmaklygy hödürleýär.

Hyzmata laýyklykda, ýurdumyzyň raýatlary alyş-çalyş amalyny onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalaryň asyl nusgalaryny barladyp walýuta, goýum hasaplaryny açmaly, şeýle hem ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin Bank tarapyndan ulanyjy açylandan soň, müşderi bankyň resmi sahypasynyň «onlaýn töleg geçirmek» bölümine girýär we müşderi penjirede açylan meýdançalary gerekli görnüşinde dolduryar hem şol ýerde tölege degişli resminamalary ýükleýär. Fiziki şahslar resminamalaryň möhleti dolýança ýa-da resminamalar çalşylýança onlaýn töleginiň bu hyzmatyndan peýdalanyp bilerler.

Bu hyzmat ulgamyna birikdirmek üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutmaly. Ýurdumyzyň raýatlary bankyň bu täze hyzmatdan peýdalanmak bilen öz gymmatly wagtlaryny tygşytlarlar.

Bize şeýle döwrebap şertlerde netijeli işlemäge, halal zähmetiň haýryny görüp, Watanymyza, halkymyza ak ýürekden hyzmat etmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Hormatly Prezidentimize alkyş aýdýarys.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik
bankynyň Ykdysady seljerme we maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

## BANK HYZMATLARY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini düýpli özgertmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, Garaşsyz Watanymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna ýetirmäge gönükdirilen möhüm işler durmuşa geçirilýär. Durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmelerde ýurdumyzyň bank ulgamy aýratyn ähmiýete eýedir. Durnukly bank ulgamy milli ykdysady ösüşiň girewi bolmak bilen, ilatyň wagtlaýyn ulanylmaýan erkin pul serişdelerini toplamak, karz pul serişdelerini bermek, çekilen serişdeleri maliýeleşdirmek we tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek arkaly ýurduň ösüşinde ähmiýetli wezipäni eýeleýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly ykdysadyýeti tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi düýpli ösdürmek, ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, gerimini has-da giňeltmek boýunça netijeli çäreler durmuşa geçirilýär.

Bank işine sanly bank hyzmatlaryny ornaşdyrmagyň esasy maksatlary ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, kadaly pul dolanyşygyny üpjün etmek, hyzmatlary menzilara ýerine ýetirmek, müşderileriň sarp edýän wagtyny tygşytlamakdan ybaratdyr. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» hyzmatlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli artýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Raýatlarymyza «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly karzlaryň esasy bergilerini we olara hasaplanan göterimleri tölemek, «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-TV, Aşgabat şäher telefon ulgamynyň hyzmatlary üçin töleglerini, demirýol petekleriniň, şäherara ugurlarda gatnaýan awtobus peteklerini, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň teatrlarynda gurnalýan tomaşa çäreleri üçin pettekleriň töleglerini, ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň degişli töleglerini, ilata edilýän jemagat hyzmatlarynyň töleglerini internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrmaga mümkinçilikler döredilen. Bu hyzmatlar ilatyň gymmatly wagtyny tygşytlamaga hem-de islendik wagtda we islendik ýerde bank amallaryny özbaşdak geçirmäge oňaýly şert döredýär. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk gerimi günsaýyn artýar. Ýurdumyzda internetiň ösmegi hem-de ykjam enjamlaryň iş wezipeleriniň artmagy bilen, ykjam goşundylar amatly we netijeli gurala öwrülip, «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamy arkaly öz hasaplaryny barlamak, geçirilen amallary görmek, pul geçirimlerini amala aşyrmak we hyzmatlar üçin tölegleri tölemek, şeýle hem «onlaýn ýüz tutma» hyzmaty arkaly raýatlara karz almak ýaly amatly mükinçilikler döredildi.

